# 40 HADYS

*Alläme Ebu Zekeriýýa Muhiddin Ýahýä bin Şeref En-Newewi Ed-Demaşky Eş-Şäfigi*

Terjime eden:
Türkmen halk ogly

# 40 hadys

Ikinji çap.

Ähli soraglary elektron poçtalaryň üsti bilen berip bilersiňiz.

Pygambermirasy1@gmail.com

Kuranwehadys@gmail.com

Başga-da kitap ýüklemek üçin: kuranwehadys.com

# MAZMUNY

1-nji hadys: “Amallar niýetlere görä” ........ 4
2-nji hadys: “Jibriliň hadysy” ........ 5
3-nji hadys: “Yslam bäş zadyň üstüne guruldy” ........ 7
4-nji hadys: “Her biriňiz enäniň garnynda 40 günde jemlenýär” ........ 8
5-nji hadys: “Kim şu dinimizde bolmadyk zady() oňa goşsa” ........ 9
6-njy hadys: “Halal aýdyň, haram hem aýdyň” ........ 10
7-nji hadys: “Din nesihatdyr” ........ 11
8-nji hadys. “Adamlary bilen tä buýruldym.” ........ 12
9-njy hadys: “Size gadagan eden zadymdan çetleşiň” ........ 13
10-njy hadys: “Allah Tagala Tämizdir” ........ 14
11-nji hadys: “Şübhelenen zadyňy taşla we şübhelenmedik zadyňa ýapyş” ........ 15
12-nji hadys: “Kişiniň özüne degişli bolmadyk zady taşlamaklygy” ........ 16
13-nji hadys: “Özüňize söýeniňizi tä doganyňyza hem söýýänçäňiz” ........ 17
14-nji hadys: “Musulmanyň gany üç ýagdaýdan galan ýerde halal bolmaz” ........ 18
15-nji hadys: “Kim Allaha we ahyrete iman edýän bolsa” ........ 19
16-njy hadys: “Gaharlanma!” ........ 20
17-nji hadys: “Allah her bir zadyň gowy görnüşde bolmagyny wajyp etdi.” ........ 21
18-nji hadys: “Nirede bolsaňyzam Allaha takwalyk ediň” ........ 22
19-njy hadys: “Eý, Ýetginjek! Saňa käbir zatlary öwredeýin.” ........ 23
20-nji hadys: “Utanmasaň, islän zadyňy et” ........ 25
21-nji hadys: “Allaha iman etdim, diýde, dini dogry tutda, düzel” ........ 26
22-nji hadys: “Egerde parz namazlarmy okasam” ........ 27
23-nji hadys: “Arassaçylyk imanyň ýarysydyr” ........ 28
24-nji hadys: “Eý, gullarym! Men özüme zulum etmegi haram etdim” ........ 29
25-nji hadys: “Baýlar köp sogaplar alýarlar” ........ 31
26-nji hadys: “Adamynyň her bir bogyny üçin sadaka hökmandyr” ........ 33

27-nji hadys: “Ýagşylyk iň gowy edepdir”........................................................ 34
28-nji hadys: “Allahyň Relusy şeýle bir bize wagyz-nesihat etdi” .................... 35
29-njy hadys: “Jennete saljak we otdan daşlaşdyrjak amal” .............................. 36
30-njy hadys: “Allah ençeme parzlary ýerine ýetirmegi (bize) borç etdi”......... 38
31-nji hadys: “Ol amaly etsem meni hem Allah söýsün, hem adamlar söýsün” 39
32-nji hadys: “Zyýan ýetirmegem we zyýan çekdirmegem bolmaz”................. 40
33-nji hadys: “Egerde adamlaryň eden şikaýatlary kabul edilse” ...................... 41
34-nji hadys: “Sizden (kim) ýazgarylýan zady görse”....................................... 42
35-nji hadys: “Hasadçylyk etmäň, aldaw bilen zatlaryň bahalarynam oýnamaň” ................................................................................................................ 43
36-njy hadys: “Kim möminiň dünýä gaýgy-gamyny aýyrsa” ............................ 44
37-nji hadys: “Allah Tagala sogaplary we günäleri ýazdy” ............................... 45
38-nji hadys: “Kim Allahyň welisine (dostuna) azar berse” .............................. 46
39-njy hadys: “Allah Ymmatymdan ýalňyşy... bagyşlandyr” ............................ 47
40-njy hadys: “Bu dünýäde ýat kişi ýaly bol” .................................................. 48

# 1-nji hadys: “Amallar niýetlere görä”

Möminleriň emiri[(1)] Ebu Hafsa[(2)] Omar Bin Hattab[(3)] (Razyýallahu anhu)[(4)] aýtdy: “Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem)[(5)] aýdanyny eşitdim:

**“Amallar niýetlere[(6)] görä. Her bir kişi (amalynyň netijesini) öz eden niýetine görä alar. Kimiň hijredi[(7)] Allah we Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) üçin bolsa, hijredi Allah we Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) üçin bolar we kimiň hijredi dünýä (malyny) gazanmak ýada bir zenana öýlenmek bolsa, şol zada hijret etdigi bolar””**

(Buhary[(8)] we Muslim[(9)])

عن أمير المؤمنين أبي حفص عمر بن الخطاب (رضي الله عنه) قال: سمعت رسول الله (صلى الله عليه وسلم) يقول:

**"إنما الأعمال بالنيات وإنما لكل امرئ ما نوى، فمن كانت هجرته إلى الله ورسوله، فهجرته إلى الله ورسوله، ومن كانت هجرته لدنيا يصيبها أو امرأة ينكحها، فهجرته إلى ما هاجر إليه"** (رواه البخاري، ومسلم)

---

(1) Bu lakam bilen ilkinji gezek Omar halyfa wagty, Omara dakylandyr.

(2) Ebu Hafsa- Ýagny “Hafsanyň kakasy” diýmek, Hafsa (razyýallahu anhä) bolsa Pygambermiziň hatyny bolan.

(3) Omar Bin Hattab- Pygambermiziň (Sallallahu aleýhi we sellem) iň gowy gören egindeşlerinden bolup, Bu Pygamberden soňra ikinji halyfa bolandyr. Omar Bin Hattab diymek, Hattabyň ogly Omar diýmekdir.

(4) “Razyýallahu anhu” diýmegiň manysy: “Allah ondan razy bolsun” diýmek, bu söz musulman ymmatynda sahabalaryň ady agzalanylandan soňra aýdylýandyr.

(5) (Sallallahu aleýhi we sellem)- diýmek, Goý Allah ony öwsün we parahat, selim etsin diýmek, bu sözlem hem Pygambermiziň ady agzalanylandan soňra aýdylýandyr.

(6) Niýetlere görä- Ýagny maksadyna görä.

(7) Hijret- Taşlamak manyda, ýagny musulman bolmadyk ýurdy taşlap, Allahyň razylygy üçin musulman ýurduna göçmek.

(8) Buhary- Ýagny şu hadys Sahyh Buhary kitabynda gelen, bu kitap Kuran Kerimden soňra iň dogry kitap diýilip hasaplanylýar, bu kitapdaky ähli hadyslar dogry hadyslar we Yslam ymmaty bu kitaby doly kabul edýändir.

(9) Muslim – Ýagny şu hadys Sahyh Muslim kitabynda gelen, bu kitap Sahyh Buharydan soňra iň dogry kitap diýilip hasaplanylýar, bu kitapdaky ähli hadyslar dogry hadyslar we Yslam ymmaty bu kitaby doly kabul edýändir.

# 2-nji hadys: “Jibriliň hadysy”

Ýenede Omar (Razyýallahu anhu):

“Bir gün Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) bilen oturan wagtymyz üstümize ap-ak köýnekli, gap-gara saçly, daş ýoldan (sapardan) geleniň alamatlary hem bolmadyk, hiç birimiziň tanamaýan adamymyz geldi-de, Pygamberiň öňünde dyzlaryny dyzlaryna degrip, ellerini bolsa butlaryna goýup oturdy-da:

”Eý Muhammet, maňa Yslam barada habar ber” diýdi.

Allahyň Resuly (Sallallahu eleýhi we sellem) bolsa: **“Yslam, Allahdan başga hiç bir hakly ybadat edilýäniň ýokdygyna we Muhammedem Allahyň ilçisidigine şaýatlyk etmegiň, namaz okamagyň, zekat bermegiň, remezanda agyz beklemegiň, başarsaň haj etmegiň”** diýdi.

Ýaňky: “dogry aýtdyň” diýip, tassyklady.

Sorag berip yzyndan hem jogabyny tassyklaýşyna gaty geň galdyk.

Soňra: “Maňa Iman barada habar ber” diýdi.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Allaha ynanmagyň, (Iman etmegiň) perişdelerine, kitaplaryna, ilçilerine, ahyrete we ýazgydyň haýryna we şerine doly berk ynanmagyň”** diýip habar berdi.

Ýaňky: “Dogry aýtdyň, maňa yhsan barada habar ber” diýdi.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Allah Tagalany görýän ýaly oňa ybadat etmegiň, sen ony görmeseň-de, Ol seni görýär”** diýdi.

Ýaňky: “Maňa kyýamat (wagty) barada aýdyp ber” diýdi.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Soralýan, sorag berýänden bu barada köp bilmeýär”** diýdi.

Ýaňky: “(Onda) maňa onuň alamatlary barada habar ber” diýdi.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Gyrnagyň öz hojaýynyny dogurmagyny we eşiksiz, aýak ýalaňaç, garyp goýun çopanlarynyň bir-birinden galmajak bolup uzyn-uzyn binalar gurmaklaryny görmegiň”** diýdi.

Soňra ýaňky gitdi, az wagt oturanmyzdan soňra, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Omar! Kimiň sorag berenini bilýärsiňmi”** diýip, sorady.

Men: “Allah we Resuly[1] (Sallallahu aleýhi we sellem) has gowy bilýär” diýip jogap berdim.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Ol Jibril[2]** (Aleýhisseläm) **size diniňizi öwretmäge geldi”** diýdi” diýip sözüni jemledi.

(Muslim)

عن عمر (رضي الله عنه) أيضاً قال: بينما نحن جلوس عند رسول الله (صلى الله عليه وسلم) ذات يوم إذ طلع علينا رجل شديد بياض الثياب، شديد سواد الشعر، لا يرى عليه أثر السفر، ولا يعرفه منا أحد، حتى جلس إلى النبي (صلى الله عليه وسلم)، فأسند ركبتيه إلى ركبتيه، ووضع كفيه على فخذيه، وقال: يا محمّد أخبرني عن الإسلام؟! فقال رسول الله (صلى الله عليه وسلم): "**الإسلام أن تشهد أن لا إله إلا الله، وأن محمداً رسول الله، وتقيم الصلاة، وتؤتي الزكاة، وتصوم رمضان، وتحج البيت إن استطعت إليه سبيلاً**"، قال: صدقت. فعجبنا له يسأله ويصدّقه، قال: فأخبرني عن الإيمان؟ قال: "**أن تؤمن بالله وملائكته وكتبه ورسله واليوم الآخر وتؤمن بالقدر خيره وشره**"، قال: صدقت. قال: فأخبرني عن الإحسان؟ قال: "**أن تعبد الله كأنك تراه فإن لم تكن تراه فإنه يراك**". قال: فأخبرني عن الساعة؟ قال: "**ما المسؤول عنها بأعلم من السائل**"، قال: فأخبرني عن أماراتها؟ قال: "**أن تلد الأمة ربتها، وأن ترى الحفاة العراة العالة رعاء الشاء يتطاولون في البنيان**"، ثم انطلق. فلبثت ملياً، ثم قال: "**يا عمر أ تدري من السائل؟**" قلت: الله ورسوله أعلم، قال: "**فإنه جبريل أتاكم يعلّمكم دينكم**".

(رواه مسلم)

---

(1) Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) diri wagty, sahabalar bilmeýän zatlaryna: “Allah we Resuly has gowy bilýär” diýerler eken, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) ýogalanyndan soňra: “Allah has gowy bilýär” diýerdiler.

(2) Jibril iň uly perişdeleriň biri bolup, wezipesi Pygamberlere Allahdan wahyý getirmek bilen borçlandyrlandyr.

# 3-nji hadys: “Yslam bäş zadyň üstüne guruldy”

Ebu Abdurrahman Abdullah Bin Omar (1) (Razyýallahu anhumä)(2) aýdýar: “Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem):

“**Yslam bäş zadyň üstüne guruldy:**

**Allahdan başga ybadata hakly hiç bir ilähiň (ybadat edilýän zadyň) ýokdygyna we Muhammediň hem Onuň bendesi (guly) we ilçisidigine (Resulydygyna) şaýatlyk etmek, namaz okamak, zekat bermek, haj etmek, remezanda oraza tutmak”** diýenini eşitdim”.

(Buhary we Muslim)

عن أبي عبد الرحمن عبد الله بن عمر بن الخطاب رضي الله عنهما قال: سمعت رسول الله (صلى الله عليه وسلم) يقول:

**"بني الإسلام على خمسٍ؛ شهادة أن لا إله إلا الله وأن محمداً رسول الله، وإقام الصلاة، وإيتاء الزكاة، وحج البيت، وصوم رمضان"**

(رواه البخاري ومسلم)

---

(1) Ýagny Omaryň ogly Abdullah, Ebu Abdurrahman bolsa Abdurrahmanyň kakasy diýmekdir, Araplar birine ýüzlenmek üçin iň uly çagasynyň adyny tutup şonuň kakasy diýerler eken.

(2) “Goý ol ikisindenem Allah razy bolsun” diýmek.

# 4-nji hadys: “Her biriňiz enäniň garnynda 40 günde jemlenýär”

Ebu Abdurrahman, Abdullah bin Mesgut (Razyýallahu anhu): “Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) bize:

**“Her biriňiz (dogulmazyňyzdan ozal) enäniň garnynda 40 günde jemlenýär, soňra edil şonça wagtdan gan (görnüşde) bolýar, soňra ýene şonça wagtdan bir bölek ete öwrülýär, soňra oňa ruh üflemegi üçin perişde iberilýär we 4 zady ýazmaklygy buýrulýar, olar: rysky, ýaşy, amaly we bagtlymy ýada bagtsyz boljagy. Ondan başga hak iläh bolmadykdan[(1)] ant içýärin, tä biriňiz bilen Jennetiň aralygynda bir tirsek galýança ol Jennet iliniň amalyny eder, ýazgyt ony öňürtilär we ol kişi ot ähliniň amalyny eder, şol sebäpli hem oda girer, edil şolar ýaly, tä biriňiz bilen Dowzahyň aralygynda bir tirsek galýança ol Dowzah iliniň amalyny eder, soň ýazgyt ony öňürtilär we ol kişi Jennet ähliniň amalyny eder we şol sebäpli hem Jennete girer”**
(Buhary we Muslim)

عن أبي عبد الرحمن عبد الله بن مسعود (رضي الله عنه) قال: حدّثنا رسول الله (صلى الله عليه وسلم) وهو الصادق المصدوق:

**"إن أحدكم يجمع خلقه في بطن أمه أربعين يوماً نطفةً ثم يكون علقةً مثل ذلك ثم يكون مضغةً مثل ذلك، ثم يرسل إليه الملك فينفخ فيه الروح ويؤمر بأربع كلمات: بكَتْب رزقه وأجله وعمله وشقي أو سعيد، فوالله الذي لا إله غيره إن أحدكم ليعمل بعمل أهل الجنة حتى ما يكون بينه وبينها إلا ذراع، فيسبق عليه الكتاب فيعمل بعمل أهل النار فيدخلها، وإن أحدكم ليعمل بعمل أهل النار حتى ما يكون بينه وبينها إلا ذراع فيسبق عليه الكتاب فيعمل بعمل أهل الجنة فيدخلها"**

(رواه البخاري ومسلم)

---

(1) Ýagny- “Allahdan ant içýärin” diýdigi.

# 5-nji hadys: “Kim şu dinimizde bolmadyk zady[1] oňa goşsa”

Möminleriň enesi Ummu Abdullah Aişe (Razyýallahu anha): “Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem):

**“Kim şu dinimizde bolmadyk zady[2] oňa goşsa, ol gaýtarylar (kabul edilmez) diýendir”** diýip, habar berdi”

(Buhary we Muslim)

Muslimiň rowaýatynda:

**“Kim dinimizde bolmadyk işi etse (amal etse) ol (amal) gaýtarylar (kabul edilmez)”**

عن أم المؤمنين أم عبد الله عائشة رضي الله عنها قالت: قال رسول الله (صلى الله عليه وسلم):

**"من أحدث في أمرنا هذا ما ليس منه فهو رد"**

(رواه البخاري ومسلم)

وفي رواية لمسلم: **"من عمل عملاً ليس عليه أمرنا فهو رد"**

(1) Ýagny bidgat etse kabul edilmez.
(2) Ýagny bidgat etse kabul edilmez.

## 6-njy hadys: “Halal aýdyň, haram hem aýdyň”

Abdullahyň kakasy Ebu Abdullah Nugman bin Beşir (Razyýallahu anhu) aýtýar: “Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem):

**“Halal aýdyň, haram hem aýdyň, olaryň (halal bilen haramyň) aralygynda müştebihat(1) bardyr, olary köp adam bilmeýär, kim şübheli zatlardan(2) goransa, dinini we ar-namysyny päkledigi bolar. Kim şübhelere gaçsa harama gaçar, (onuň mysaly) edil goraghananyň töwereginde sürüsini gezdirýän çopanyň, goraghana sürüsiniň girmeginiň golaý boluşy ýalydyr. Her bir patyşanyň öz goraghanasy bolýandyr. Allah Tagalanyň goraghanasy bolsa haram eden zatlarydyr.**

**Her bir jesetde bir bölek et bardyr, egerde düzüw bolsa, jesediň ähli bölegi düzüw bolar, egerde bozuk bolsa, jesediň ähli bölegi bozuk bolar. Ol et bölegi hem ýürekdir”** diýenini eşitdim” diýdi.

(Buhary we Muslim)

عن أبي عبد الله النعمان بن بشير رضي الله عنهما قال: سمعت رسول الله (صلى الله عليه وسلم) يقول:

**"إن الحلال بيّن، وإن الحرام بيّن، وبينهما أمور مشتبهات لا يعلمهنّ كثير من الناس، فمن اتقى الشبهات، فقد استبرأ لدينه وعرضه، ومن وقع في الشبهات وقع في الحرام، كالراعي يرعى حول الحمى يوشك أن يرتع فيه، ألا وإن لكل ملك حمى، ألا وإن حمى الله محارمه، ألا وإن في الجسد مضغة إذا صلحت صلح الجسد كله، وإذا فسدت فسد الجسد كله ألا وهي القلب"**

(رواه البخاري ومسلم)

(1) Muştebihat- Halalmy ýa harammy belli bolmadyk zat.

(2) Ýagny, dindäki hökümi belli bolup ýöne muňa duşan kişi munuň dinde hökümini bilmän ikirjenlenmegi.

# 7-nji hadys: “Din nesihatdyr”

Temim bin Ews Ed-Däri (Razyýallahu anhu) Pygamberden (Sallallahu aleýhi we sellem) habar berýär:

**“Din nesihatdyr”**

“Kim üçin nesihat?” diýdik.

Pygamber: **“Allaha, Kitabyna, Resulyna(1), musulmanlaryň ymamlaryna (baştutanlaryna)(2) we (bütin musulman) halkyna”** diýdi.

(Muslim)

عن أبي رقية تميم بن أوس الداري (رضي الله عنه) أن النبي (صلى الله عليه وسلم) قال:

"**الدين النصيحة**"، قلنا لمن؟ قال: "**لله ولكتابه ولرسوله ولأئمة المسلمين وعامتهم**"

(رواه مسلم)

---

(1) Ýagny, Allahy tanatmak, Kurany öwretmek, Resullaryny tanatmak, yzlaryna eýermegi öwretmek..

(2) Ýagny Musulmanlaryň baştutanlaryna Allahdan ýagşy dileg etmek, halky oňa haram bolmadyk zatlarda boýun bolmaga öwretmek..

# 8-nji hadys. “Adamlar bilen... tä buýruldym.”

Abdullah bin Omar (Razyýallahu anhuma) Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem):

**“(Yslama we musulmanlara garşy söweşýän kapyr) Adamlar bilen tä “Allahdan başga hak ybadat edilýän ilähiň ýokdygyna we Muhammediň hem Allahyň ilçisidigine şaýatlyk edip, namaz okap, zekat berýänçäler” söweşmek maňa buýruldy. Eger (Yslama we musulmanlara garşy näçe duşmançylyk edenem bolsa-da toba edip) şu zatlary ýerine ýetirseler, Yslamyň haky bilen menden[1] öz janlaryny we mallaryny goradyklary bolar (ýagny olara hiç zat edilmez), hasaplary bolsa Allaha gaýdar”** diýenini habar berdi.

(Buhary we Muslim)

عن ابن عمر رضي الله عنهما أن رسول الله (صلى الله عليه وسلم) قال:

**"أمرت أن أقاتل الناس حتى يشهدوا أن لا إله إلا الله وأن محمداً رسول الله، ويقيموا الصلاة، ويؤتوا الزكاة، فإذا فعلوا ذلك عصموا مني دماءهم وأموالهم إلا بحق الإسلام، وحسابهم على الله تعالى"**

(رواه البخاري ومسلم)

(1) Ýagny- Sulary eden kişiniň ganyny we malyny Yslamda doly goraýandyr. Olara el batyrylmagy doly haram edýändir.

# 9-njy hadys: “Size gadagan eden zadymdan çetleşiň”

Ebu Hureýre Abdurrahman bin Sahr(1) (Razyýallahu anhu) Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem):

**“Size gadagan edenimden çetleşiň we size buýranymy başardygyňyzdan ýerine ýetiriň, sebäbi sizden öňküleri köp sorag bermekleri we Pygamberleri bilen çekeleşmekleri heläk edipdi”** diýenini, eşitdim” diýdi.

(Buhary we Muslim)

عن أبي هريرة عبد الرحمن بن صخر رضي الله عنه قال: سمعت رسول الله (صلى الله عليه وسلم) يقول:

**"ما نهيتكم عنه فاجتنبوه، وما أمرتكم به فأتوا منه ما استطعتم، فإنما أهلك الذين من قبلكم كثرة مسائلهم واختلافهم على أنبيائهم"**

(رواه البخاري ومسلم)

(1) Ebu Hureýre: Ady, has dogrysy Abdurrahman bin Sahr, kunýesi bolsa Ebu Hureýre.

# 10-njy hadys: “Allah Tagala Tämizdir”

Ebu Hureýre (Razyýallahu anhu) Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýenini aýdýar:

**“Allah Tagala Päkdir, päk (halal) zatdan başgany kabul etmez. Allah Tagala Resullaryna (ilçilerine) buýranyny möminlere-de[1] buýrandyr. Allah Tagala aýtdy: “Eý, Resullar! Päk zatlardan iýiň we ýagşy işler ediň!”[2], ýenede Allah Tagala aýtdy: “Eý, iman edenler! Biziň Size rysgal edip beren päk zatlarymyzdan iýiň!”[3]”** diýip şu aýatlary okady, soňra bolsa: **“Saçy bulaşyk, üsti tozan, uzak ýol sapardaky elini asmana göterip: “Eý, Robbym! Eý Robbym”** diýýän kişini agzap, şeýle dowam etdi: **“Iýim-içimi haramdan, geýimi haramdan, haramdan eklenen, nireden dogasy (dilegi) kabul bolsun!”** diýdi.

(Muslim)

عن أبي هريرة (رضي الله عنه) قال: قال رسول الله (صلى الله عليه وسلم):

**"إن الله تعالى طيب لا يقبل إلا طيباً، وإن الله أمر المؤمنين بما أمر به المرسلين فقال تعالى:** يَٰٓأَيُّهَا ٱلرُّسُلُ كُلُواْ مِنَ ٱلطَّيِّبَٰتِ وَٱعۡمَلُواْ صَٰلِحًاۖ إِنِّي بِمَا تَعۡمَلُونَ عَلِيمٞ ٥١ **وقال تعالى:** يَٰٓأَيُّهَا ٱلَّذِينَ ءَامَنُواْ كُلُواْ مِن طَيِّبَٰتِ مَا رَزَقۡنَٰكُمۡ ١٧٢ **ثم ذكر الرجل يطيل السفر أشعث أغبر يمد يديه إلى السماء: يا ربّ يا ربّ، ومطعمه حرام، ومشربه حرام، وملبسه حرام، وغذي بالحرام، فأنى يستجاب له؟"**

(رواه مسلم)

---

(1) Ýagny- Iman edenler.

(2) Muminun surasynyň 51nji aýaty.

(3) Bakara surasynyň 172nji aýaty.

## 11-nji hadys: “Şübhelenen zadyňy taşla we şübhelenmedik zadyňa ýapyş”

Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) agtygy Ebu Muhammet Hasan bin Aly bin Ebu Talyb[1] (Razyýallahu anhum) aýdýar: “Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem):

“**Şübhelenen zadyňy taşla we şübhelenmedik zadyňa ýapyş**” diýenini ýat tutdum”

(Tirmizi, Nesäi, Ahmet, Ibn Mäje, Ibn Hibban)

عن أبي محمد الحسن بن علي بن أبي طالب سبط رسول الله (صلى الله عليه وسلم) وريحانته رضي الله عنهما قال: حفظت من رسول الله (صلى الله عليه وسلم):

"**دع ما يريبك إلى ما لا يريبك**"

(رواه الترمذي والنسائي)

(1) Hasan Alynyň we Pygambermiziň (Sallallahu aleýhi we sellem) gyzy Fatymanyň oglydyr.

# 12-nji hadys: “Kişiniň özüne degişli bolmadyk zady taşlamaklygy”

Ebu Hureýre (Razyýallahu anhu) aýtdy: “Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem):

“**Kişiniň özüne degişli bolmadyk zady taşlamaklygy, onuň Yslamynyň gowlugyna delalatdyr**” diýdi”

(Tirmizi,)

عن أبي هريرة رضي الله تعالى عنه قال: قال رسول الله (صلى الله عليه وسلم):

"**من حسن إسلام المرء تركه مالا يعنيه**"

**(رواه الترمذي)**

# 13-nji hadys: “Özüňize söýeniňizi tä doganyňyza hem söýýänçäňiz”

Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) hyzmatçysy Enes bin Mälik (Razyýallahu anhu), Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem):

“**Özüne söýenini tä (musulman) doganyna söýýänçä, hiç biriňizem iman etdigi bolmaz**” diýenini habar berdi.

(Buhary we Muslim)

عن أبي حمزة أنس بن مالك رضي الله عنه خادم رسول الله (صلى الله عليه وسلم) عن النبي (صلى الله عليه وسلم) قال:

"**لا يؤمن أحدكم حتى يحب لأخيه ما يحب لنفسه**"

(رواه البخاري ومسلم)

# 14-nji hadys: “Musulmanyň gany üç ýagdaýdan galan ýerde halal bolmaz”

Ibn Mesgut (Razyýallahu anhu) Allahyň Resulynyň aýdanyny aýtdy:

**“Musulman kişiniň gany üç ýagdaýdan galan ýerde halal bolmaz(1): (olar) Durmuş guran zynaçy, Jan jan üçin, (Musulman) Jemagatyny (jemgyýetini) agzala edýän dinini taşlan**”

(Buhary we Muslim)

عن ابن مسعود رضي الله تعالى عنه قال: قال رسول الله (صلى الله عليه وسلم):

"**لا يحل دم امرئ مسلم إلا بإحدى ثلاث: الثيب الزاني، والنفس بالنفس، والتارك لدينه المفارق للجماعة**"

(رواه البخاري ومسلم)

(1) Bu hökümi diňe Baştutan ýada onuň wekili ýerine ýetirmelidir.

# 15-nji hadys: “Kim Allaha we ahyrete iman edýän bolsa”

Ebu Hureýre (Razyýallahu anhu) Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýdanyny aýdýar:

**“Kim Allaha we ahyrete iman edýän bolsa, haýry geplesin, bolmasa-da dymsyn, kim Allaha we ahyrete iman edýän bolsa, goňşusyna hödür-kerem etsin we kim Allaha we ahyrete iman edýän bolsa myhmana hödür-kerem etsin**”

(Buhary we Muslim)

عن أبي هريرة رضي الله عنه أن رسول الله (صلى الله عليه وسلم) قال:

**"من كان يؤمن بالله واليوم الآخر فليقل خيراً أو ليصمت، ومن كان يؤمن بالله واليوم الآخر فليكرم جاره، ومن كان يؤمن بالله واليوم الآخر فليكرم ضيفه"**

**(رواه البخاري ومسلم)**

# 16-njy hadys: “Gaharlanma!”

Ebu Hureýre (Razyýallahu anhu) aýtdy:

“Bir adam Pygambere (Sallallahu aleýhi we sellem): “Maňa wesýet (nesihat) et” diýdi.

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): “**Gaharlanma!**” diýdi.

(Ýaňky adam) gaýta-gaýta: “Maňa wesýet et” diýdi, her gezek Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) oňa: “**Gaharlanma**!” diýip jogap berdi.

(Buhary we Muslim)

عن أبي هريرة رضي الله عنه: أن رجلاً قال للنبي (صلى الله عليه وسلم): أوصني، قال:

"**لا تغضب**"، فردّد مراراً، **قال:** "**لا تغضب**"

(رواه البخاري ومسلم)

# 17-nji hadys: “Allah her bir zadyň gowy görnüşde bolmagyny wajyp etdi.”

Şeddad bin Ews (Razyýallahu anh) Pygamberden (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

**“Allah Tagala her bir zadyň gowy görnüşde bolmagyny wajyp etdi. Egerde (mör-möjek, mal-gara) öldürseňiz gowy görnüşde öldüriň, egerde damak çalsaňyz gowy görnüşde çalyň, (soýýançy) janlyny kösemez ýaly pyçagy ýiteltsin**”.

(Muslim)

عن أبي يعلى شداد بن أوس رضي الله عنه عن رسول الله (صلى الله عليه وسلم) قال:

**"إن الله كتب الإحسان على كل شيء، فإذا قتلتم فأحسنوا القتلة، وإذا ذبحتم فأحسنوا الذبحة؛ وليحدّ أحدكم شفرته وليرح ذبيحته"**

(رواه مسلم)

# 18-nji hadys: “Nirede bolsaňyzam Allaha takwalyk ediň”

Muaz bin Jebel (Razyýallahu anh) Allahyň Resulyndan (Sallallahu aleýhi we sellem) aýdýar:

“**Nirede bolsaňam Allaha takwalyk[1] ediň, günäniň yzyndan ony bozýan sogap et we adamlar bilen ýagşy görnüşde gatnaş**”.

(Tirmizi)

عن أبي ذر جندب بن جنادة وأبي عبد الرحمن معاذ بن جبل رضي الله عنهما عن رسول الله (صلى الله عليه وسلم) قال:

**"اتق الله حيثما كنت، وأتبع السيئة الحسنة تمحها، وخالق الناس بخلق حسن"**

**(رواه الترمذي وقال: حديث حسن، وفي بعض النسخ: حسن صحيح)**

(1) Allahyñ buýruklaryna boýun bolup, haram eden zatlaryndan daşlaşmak.

# 19-njy hadys: “Eý, Ýetginjek! Saňa käbir zatlary öwredeýin.”

Abdullah bin Abbas (Razyýallahu anhumä) aýdýar:

“Allahyň Resulynyň (ulagynyň) arkasynda wagtym: **“Eý, Ýetginjek! Saňa käbir zatlary öwredeýin. Allahyň dinini gora**[1] **Allah hem seni gorar. Allahyň dinini gora, Allahy öňüňde taparsyň**[2]**, egerde (bir zat) dileseň, diňe Allahdan dile. Egerde medet (kömek) sorasaň, diňe Allaňdan sora. Ymmat (ähli kişi) saňa peýda berjek bolup birleşselerde, Allahyň saňa ýazanyndan başga peýda berip bilmezler we saňa zyýan berjek bolup birleşselerde, Allahyň saňa ýazanyndan başga zyýan berip bilmezler. Sebäbi (takdyr ýazylan) galamlar galdyryldy we sahypalaryp gurady**” diýdi.

(Tirmizi)

Tirmiziden başga gelen hadysda:

“**Allahyň dinini gora (berk tut), Allahy öňünde taparsyň. Arkaýyn halyňda Allahy tana, kyn halda seni tanar. Allahyň takdyr eden zady (ýazgydy) hökman boljagyny, takdyr etmedik (ýazmadyk) zady bolmajagyny bilgin. Sabyr etmekden soňra ýeňişiň, gam-gussadan soňra begenç-şatlyk we kynçylykdan soňra ýeňilligiň boljagynam bilgin**”

(Ahmet)

عن أبي العباس عبد الله بن عباس رضي الله عنهما قال: كنت خلف النبي (صلى الله عليه وسلم) يوماً، فقال لي:

**"يا غلام إني أعلّمك كلمات: احفظ الله يحفظك، احفظ الله تجده تجاهك، إذا سألت فاسأل الله، وإذا استعنت فاستعن بالله، واعلم أن الأمة لو اجتمعت على أن ينفعوك بشيء لم ينفعوك إلا بشيء قد كتبه الله لك، وإن اجتمعوا على أن يضرّوك بشيء لم يضرّوك إلا بشيء قد كتبه الله عليك، رفعت الأقلام وجفّت الصحف".**

---

(1) Ýagny berk tut.

(2) Ýagny seni, seniñ  dini tutuşyñdanam beter seni gorar.

**(رواه الترمذي وقال: حسن صحيح)**

وفي رواية غير الترمذي:

**"احفظ الله تجده أمامك، تعرّف إلى الله في الرخاء يعرفك في الشدة، واعلم أن ما أخطأك لم يكن ليصيبك، وما أصابك لم يكن ليخطئك، واعلم أن النصر مع الصبر، وأن الفرج مع الكرب، وأن مع العسر يسراً".**

# 20-nji hadys: “Utanmasaň, islän zadyňy et”

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

**“Utanmasaň, islän zadyňy et” diýen söz, ilkinji Pygamberlerden (şu wagtky) adamlara ýetip gelendir**”

(Buhary)

عن أبي مسعود عقبة بن عمرو الأنصاري البدري رضي الله عنه قال: قال رسول الله (صلى الله عليه وسلم): "**إن مما أدرك الناس من كلام النبوة الأولى: إذا لم تستح فاصنع ما شئت**".

(رواه البخاري)

## 21-nji hadys: “Allaha iman etdim, diýde, dini dogry tutda, düzel”

Sufýan bin Abdullah: “Eý, Allahyň Resuly! Maňa Yslam barada şeýle bir söz aýt, senden başgadan soramaly bolmaýyn:” diýdim. Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) **““Allaha iman etdim” diýde, dogrulan (dogry ýoly tut)”** diýip, jogap berdi” diýdi.

(Muslim)

عن أبي عمرو، وقيل أبي عمرة سفيان بن عبد الله رضي الله عنه قال: "قلت: يا رسول الله قل لي في الإسلام قولاً لا أسأل عنه أحداً غيرك، قال: "**قل آمنت بالله ثم استقم**".

(رواه مسلم)

## 22-nji hadys: “Egerde parz namazlarymy okasam”

Biri Allahyň Resulyndan (Sallallahu aleýhi we sellem):

**“Egerde parz namazlarmy okasam, Remezanda agyz beklesem, halal zatlary halal görsem, haram zatlardan daşlaşsam we şulardan başga zat hem etmesem, Jennete girerinmi**? **Maňa habar ber!”** diýip, sorady.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem):

"**Hawa (girersiň)"** diýip, jogap berdi.

(Muslim)

عن أبي عبد الله جابر بن عبد الله الأنصاري رضي الله عنهما:

"**أن رجلاً سأل رسول الله (صلى الله عليه وسلم) فقال: أرأيت إذا صلّيت المكتوبات، وصمت رمضان وأحللت الحلال وحرّمت الحرام ولم أزد على ذلك شيئاً أدخل الجنة؟ قال: نعم**".

(رواه مسلم)

# 23-nji hadys: “Arassaçylyk imanyň ýarysydyr”

Allahyň Resuly Sallallahu aleýhi we sellem aýtdy:

**“Arassaçylyk imanyň ýarysydyr. “Elhamdulillăh” (diýmegiň sogaby kyýamat gününde) mizany doldurar, “Subhanallahy welhamdulillăhi” (diýmegiň sogaby) asmanlar we ýer aralygyny doldurar. (Doly we dürs okalan) Namaz nurdur, sadaka bermek (eýesiniň imanyna) subutnamadyr, Sabyr etmek ýagtylykdyr, Kuran bolsa (kyýamat güni) ýa seniň tarapyňda, ýada saňa garşydyr. Her bir kişi ir bilen örýändir, özüni işler bilen meşgullandyryp (otdan, azapdan) boşadýandyr ýada heläk edýändir**”

(Muslim)

عن أبي مالك الحارث بن عاصم الأشعري رضي الله عنه قال: قال رسول الله (صلى الله عليه وسلم):

**"الطهور شطر الإيمان، والحمد لله تملأ الميزان، وسبحان الله والحمد لله تملآن أو تملأ بين السماء والأرض، والصلاة نور، والصدقة برهان، والصبر ضياء، والقرآن حجة لك أو عليك. كل الناس يغدو؛ فبائع نفسه، فمعتقها، أو موبقها".**

(رواه مسلم)

# 24-nji hadys: “Eý, gullarym! Men özüme zulum etmegi haram etdim”

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) Robbundan habar berýär:

**“Eý, gullarym! Men özüme zulum etmegi haram etdim, siziň araňyzda hem ony haram edendirin, bir-biriňize zulum etmäň!**

**Eý, gullarym! Hidäýet berenlerimden (dogry ýola gönükdirenlerimden) başga ähliňiz azaşansyňyz, Menden dogry ýola gönükdirmegimi diläň, sizi dogry ýola gönükdireýin!**

**Eý, gullarym! Naharlanymdan başga ähliňiz açsyňyz. Naharlamagymy diläň, sizi naharlaýyn!**

**Eý, gullarym! Eşikli edenimden başga ähliňiz ýalaňaçsyňyz. Eşikli etmegimi diläň, eşikli edeýin!**

**Eý, gullarym! Siz gije-gündizine günä edýärsiňiz we Men ähli günäleri bagyşlaýaryn, Menden bagyşlanmagyňyzy diläň, sizi bagyşlaýyn!**

**Eý, gullarym! Siz Maňa zyýan hem, peýda hem ýetirip bilmersiňiz!**

**Eý, gullarym! Egerde ynsanlaryňyzyň we jynlaryňyzyň, ilkinjileriňizden ahyrkyňyza deňeç, siziň iň takwa kişiňiz ýaly bolsada, ol Meniň emlägimde ýeke zat artdyrmaz.**

**Eý, gullarym! Egerde ynsanlaryňyzyň we jynlaryňyzyň, ilkinjileriňizden ahyrkyňyza deňeç, siziň iň bozuk kişiňiz ýaly bolsada, ol Meniň emlägimden hiç zat kemeltmez.**

**Eý, gullarym! Egerde ynsanlaryňyzyň we jynlaryňyzyň, ilkinjileriňizden ahyrkyňyza deňeç bir ýerde durup, Menden dileg etseňiz, Menem her biriňiziň dilän zadyňyzy bersemem, ol Meniň emlägimden iňňäni deňze sokup çykarylanda, kemeldişinden başga hiç bir zat kemeltmez!**

**Eý, gullarym! Bar eden işleriňizi saklaryn we doly hakyňyzy yzyna gaýtarylyp berler, kim haýyr (kyýamat güninde, eden işlerini haýyrda) tapsa Allaha hamd aýtsyn, kim ondan (haýyrdan) başga zat tapsa özünden başgany günäkärlemesin”**

(Muslim)

عن أبي ذر الغفاري رضي الله عنه عن النبي (صلى الله عليه وسلم) فيما يرويه عن ربه عزّ وجلّ أنه قال:

**"يا عبادي إني حرّمت الظلم على نفسي، وجعلته بينكم محرّماً؛ فلا تظالموا. يا عبادي كلكم ضال إلا من هديته؛ فاستهدوني أهدكم. يا عبادي كلكم جائع إلا من أطعمته؛ فاستطعموني أطعمكم. يا عبادي كلكم عارٍ إلا من كسوته؛ فاستكسوني أكسكم. يا عبادي إنكم تخطئون بالليل والنهار وأنا أغفر الذنوب جميعاً؛ فاستغفروني أغفر لكم. يا عبادي إنكم لن تبلغوا ضرّي فتضرّوني ولن تبلغوا نفعي فتنفعوني. يا عبادي لو أن أوّلكم وآخركم وإنسكم وجنّكم كانوا على أتقى قلب رجل واحد منكم ما زاد ذلك في ملكي شيئا، يا عبادي لو أن أوّلكم وآخركم وإنسكم وجنّكم كانوا على أفجر قلب رجل واحد منكم ما نقص ذلك من ملكي شيئا. يا عبادي لو أن أوّلكم وآخركم وإنسكم وجنّكم قاموا في صعيد واحد فسألوني؛ فأعطيت كل واحد مسألته ما نقص ذلك مما عندي إلا كما ينقص المخيط إذا أدخل البحر. يا عبادي إنما هي أعمالكم أحصيها لكم ثم أوفيكم إياها؛ فمن وجد خيراً فليحمد الله، ومن وجد غير ذلك فلا يلومنَّ إلا نفسه".**

(رواه مسلم)

# 25-nji hadys: “Baýlar köp sogaplar alýarlar”

Ebu Zer (Razyýallahu anhu): “Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) (garyp Muhäjir[1]) ýoldaşlary Pygambere:

**“Eý, Allahyň Resuly! Baýlar köp sogaplar alýarlar, namaz okaýarlar edil okaýşymyz ýaly, roza tutýarlar edil tutuşymyz ýaly we pullaryndan sadaka berýärler”** diýdiler.

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Siz hem sadaka etmegiňiz üçin Allah ýol açmadymy?! Siz üçin her bir “Subhanallah[2]” diýmegiňiz sadaka, her bir “Allahu ekber[3]” diýmegiňiz sadaka, her bir “Elhamdulillah[4]” diýmegiňiz sadaka, her bir “Lä ilähe illallah[5]” diýmegiňiz sadaka, ýagşylygy buýurmak sadaka, ýamanlykdan gaýtarmak sadaka, (hatynyňyza) ýanaşmagyňyz sadaka” diýende: “Eý, Allahyň Resuly! Birimiz öz lezzetini[6] bitirse, şouň üçin oňa sogap bolarmy?”** diýip soradylar. Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Egerde haram ýol bilen aragatnaşyk etse, oňa günä boljagyny bilýärsiňizmi? Edil şolar ýaly hem halal ýoly bilen aragatnaşyk etse, oňa sogap bolar”** diýdi.

(Muslim)

عن أبي ذر رضي الله عنه أيضاً: أن ناساً من أصحاب رسول الله (صلى الله عليه وسلم) قالوا للنبي (صلى الله عليه وسلم):

**يا رسول الله ذهب أهل الدثور بالأجور، يصلّون كما نصلي، ويصومون كما نصوم، ويتصدقون بفضول أموالهم، قال: "أو ليس قد جعل الله لكم ما تصدقون؛ إن بكل تسبيحة صدقة، وكل تكبيرة صدقة، وكل تحميدة صدقة، وكل تهليلة صدقة، وأمر بالمعروف صدقة، ونهي عن منكر صدقة، وفي**

---

(1) Muhajir- Mekkeden Medinä dini üçin göçenler.

(2) Subhanallah- Allah Tagala bar nogsanlykdan, kemlikden päkdir.

(3)Allahu ekber- Allah iň Beýikdir.

(4) Elhamdulillah- Ähli hamd- sena Allaha bolsun.

(5) Allahdan başga ybadat etmäge mynasyp hiç bir zat ýokdyr.

(6) Ýagny maşgalasy bilen aragatnaşyk edip, keýp alsada..

**بضع أحدكم صدقة، قالوا: يا رسول الله! أيأتي أحدنا شهوته ويكون له فيها أجر؟ قال: أرأيتم لو وضعها في حرام أكان عليه وزر؟ فكذلك إذا وضعها في الحلال كان له أجر".**

(رواه مسلم)

# 26-nji hadys: “Adamynyň her bir bogyny üçin sadaka hökmandyr”

Ebu Huraýra (Razyýallahu anhu) aýtdy: “Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem): “**Gün dogýan (hepdäniň) her bir güni, adamynyň her bir bogyny üçin sadaka hökmandyr, iki kişiniň arasynda adalatlylyk etmek sadaka**[1]**, birine ulagyna münmegine kömek etmegiň ýada oňa goşuny galdyrmagyň sadaka, ýagşy (hoş) söz sadaka, namaza gideniňdäki her bir ädimiň sadaka we ýoldan ezýet berýän zady aýyrmak hem sadaka**” diýdi”

(Buhary we Muslim)

عن أبي هريرة رضي الله تعالى عنه قال: قال رسول الله (صلى الله عليه وسلم):

**"كل سلامى من الناس عليه صدقة، كل يوم تطلع فيه الشمس تعدل بين اثنين صدقة، وتعين الرجل في دابته فتحمله عليها أو ترفع له عليها متاعه صدقة، والكلمة الطيبة صدقة، وبكل خطوة تمشيها صدقة، وتميط الأذى عن الطريق صدقة".**

(رواه البخاري ومسلم)

(1) Ikisini ýaraşdyrmak, aralaryny gowlamak..

# 27-nji hadys: “Ýagşylyk iň gowy edepdir”

En-Newwäs Bin Sem-aan (Razyýallahu anhu) habar berdi: “Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Ýagşylyk iň gowy edepdir, ýüregiň ikirjiňlenen we adamlaryň bilmegini islemedik zadyň hem günädir**”diýdi”

(Muslim)

عن النواس بن سمعان رضي الله عنهما عن النبي (صلى الله عليه وسلم) قال:

**"البر حسن الخلق، والإثم ماحاك في نفسك وكرهت أن يطلع عليه الناس".**

(رواه مسلم)

Wabysa Bin Megbad (Razyýallahu anhu) aýtdy: “Allahyň Resulynyň ýanyna bardym, Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): “**Ýagşylyk barada soramaga geldiňmi?”** diýip sorady**: “Hawa”** diýip jogap berenimden soňra**: “Ýüregiňden sora, nebis we ýüregiň rahatlyk tapan zady ýagşylykdyr we ýüregiň ikirjiňlenen, döşde aramlyk tapmadyk zady hem günädir hatda adamlar tersini aýtsalaram**[(1)]” diýdi.

(Ahmet we Darymy)

وعن وابصة بن معبد رضي الله عنه قال: أتيت رسول الله (صلى الله عليه وسلم) فقال:

**"جئت تسأل عن البر؟ قلت نعم، قال: استفت قلبك، البر ما اطمأنت إليه النفس، واطمأن إليه القلب، والإثم ما حاك في النفس، وتردد في الصدر، وإن أفتاك الناس وأفتوك".**

(حديث حسن رويناه في مسندي الإمامين: أحمد بن حنبل والدارمي بإسناد حسن)

(1) Bu hadys Allahyň Kitaby we Pygamberiň hadyslaryny bilip, alym bolan kişä degişli bolup, dine garşy gelmedik zatlarda bolmalydyr.

# 28-nji hadys: “Allahyň Relusy şeýle bir bize wagyz-nesihat etdi”

Ebu Nujeým El-yrbäs Bin Säriýe (Razyýallahu anhu) aýtdy:

**“Allahyň Relusy (Sallallahu aleýhi we sellem) şeýle bir bize wagyz-nesihat etdi, ol wagyz-nesihatdan ýürekler para-para bolup, gözlerden parça-parça ýaş akdy, (şonda): “Eý, Allahyň Resuly! Bu hoşlaşýanyň wagyz-nesihatyna meňzeýär, bize wesýet et!” diýdik: “Allaha takwalyk etmegiňizi wesýet edýärin, üstüňizden höküm edýän (Baştutanlaryňyz) gulam bolsa gulak asyň we boýun boluň. Sizden köp ýaşan köp oňşuksyzlyklary görer, (Elmydama) Meniň ýolumdan we yzymdan boljak dogry ýoldaky Halyfalaryň[1] ýolundan azy dişleriňiz bilen ýapyşyň[2]! Bidgatlardan ägä boluň, sebäbi ähli bidgat azaşmakdyr[3] we ähli azaşmaklygam oda elter**”

(Ebu Dawud, Et-Tirmizi)

**عن أبي نجيح العرباض بن سارية رضي الله عنه قال:**

**وعظَنا رسول الله (صلى الله عليه وسلم) موعظةً وجلت منها القلوب وذرفت منها العيون، فقلنا: يا رسول الله كأنها موعظة مودّع، فأوصِنا، قال: أوصيكم بتقوى الله عزّ وجلّ، والسمع والطاعة وإن تأمر عليكم عبد، فإنه من يعش منكم فسيرى اختلافاً كثيراً، فعليكم بسنتي وسنة الخلفاء الراشدين المهديين عضوا عليها بالنواجذ، وإياكم ومحدثات الأمور، فإن كل بدعة ضلالة، وكل ضلالة في النار".**

(رواه أبو داود والترمذي وقال حديث حسن صحيح)

---

(1) Olar: Ebu Bekr Syddyk, Omar Faruk, Osman Zunnuroýn, Aly Ebu Turap (Razyýallahu anhum).

(2) Gaty bek ýapyşyň.

(3) diýmek, gowy bitgat ýada erbet bidgat diýilýäniň, ählijesi Pygambermiziň aýtmagyna görä azaşmaklyk eken.

# 29-njy hadys: “Jennete saljak we otdan daşlaşdyrjak amal”

Muaz Bin Jebel (Razyýallahu anhu) aýtdy:

“**Eý, Allahyň Resuly! Maňa meni Jennete saljak we meni otdan daşlaşdyrjak amaly habar ber”** diýdim.

**Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): “Gaty uly zat barada soradyň, ol zat kim üçin Allah ýeňilletse ýeňil bolar, (ol) Allaha hiç bir zady şärik etmän diňe Oňa ybadat etmegiň, namaz okamagyň, zekat bermegiň, Remezan aýyny doly roza tutmagyň, Käbä haj etmegiň”** diýip, soňra şeýle: **“Haýryň gapylaryny öwredeýinmi? Roza galkan, ody suwuň söndürişi ýaly sadaka günäni söndürer, kişiniň gijäniň içinde okan namazy”** diýdi we Kurandan:

“**Olaryň bedenleri düşeklerden daşda bolar (köp ýatmazlar, tagat-ybadat bilen bolarlar), öz Perwerdigärine gorky we umyt bilen dileg ederler. Biziň beren rysgalymyzdan (Allah ýolunda) sarp ederler. Hiç kim olaryň eden ýagşy işlerini sylaglamak üçin (jennetde) gözleri nurlandyrjak niçeme nygmatlaryň gizlenendigini bilýän däldir”[1]** diýen ýerini okady, soňra: **“Bu soran zadyň başyny (kellesini), diregini we çür depesini habar bereýinmi”** diýip sorady.

Men: **“Dagy näme Eý, Allahyň Resuly” diýdim.**

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem)**: “Onuň başy Yslam, diregi namaz, çür depesi bolsa Jihäd[2]”** diýdi, soňra: **“Onuň ählisini jemleýän zady aýdaýynmy?”** diýip sorady.

Men: **“Dagy näme Eý, Allahyň Resuly”** diýdim.

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) dilinden tutup: **“Şuny sakla” diýdi. Men: “Eý Allahyň Pygamberi! Gürleýän zadymyz üçin hem jezalanarysmy?”** diýip soradym.

---

(1) Sežde surasynyň 16njy we 17nji aýatlary.

(2) Jihad- Baştutanyň baýdagynyň aşagynda edilýändir.

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Diýýäniň näme! Adamlar oda ýüzlükgän zyňylmagynyň sebäbi dilleriniň aýdan zatlaryndan başga boljakmy**?!” diýdi.”

(Tirmizi)

عن معاذ بن جبل رضي الله عنه قال:

**قلت يا رسول الله أخبرني بعمل يدخلني الجنة ويباعدني عن النار؟ قال: لقد سألت عن عظيم وإنه ليسير على من يسره الله تعالى عليه: تعبد الله لاتشرك به شيئاً، وتقيم الصلاة، وتؤتي الزكاة، وتصوم رمضان، وتحج البيت، ثم قال: ألا أدلك على أبواب الخير؟ الصوم جنة، والصدقة تطفئ الخطيئة كما يطفئ الماء النار، وصلاة الرجل في جوف الليل، ثم تلا: تتجافى جنوبهم عن المضاجع حتى بلغ يعملون ثم قال: ألا أخبرك برأس الأمر وعموده وذروة سنامه؟ قلت: بلى يا رسول الله، قال: رأس الأمر الإسلام، وعموده الصلاة، وذروة سنامه الجهاد، ثم قال: ألا أخبرك بملاك ذلك كله؟ قلت: بلى يا رسول الله، فأخذ بلسانه، وقال: كفّ عليك هذا، قلت يا نبي الله وإنا لمؤاخذون بما نتكلم به؟ فقال ثكلتك أمك يا معاذ، وهل يكب الناس في النار على وجوههم أو قال: على مناخرهم إلا حصائد ألسنتهم".**

(رواه الترمذي وقال: حديث حسن صحيح)

## 30-njy hadys: “Allah ençeme parzlary ýerine ýetirmegi (bize) borç etdi”

Ebu Saglebete El-Huşniýýu Jersum Bin Näşir (Razyýallahu anhu) Allahyň Resulynyň aýdanyny habar berýär:

“**Elbetde, Allah Tagala ençeme parzlary ýerine ýetirmegi (bize) borç etdi, olary taşlaýmaň, araçäk goýdy ondan geçäýmäň, käbir zatlary haram etdi golaýlaşaýmaň we käbir zatlar babatynda bolsa unudyp dälde, size rehmet etmeklik üçin dymdy, olary gözläýmäň**!”

(El-Darukutni)

عن أبي ثعلبة الخشني جرثوم بن ناشر رضي الله عنه عن رسول الله (صلى الله عليه وسلم) قال:

**" إن الله تعالى فرض فرائض فلا تضيعوها، وحد حدوداً فلا تعتدوها، وحرّم أشياء فلا تنتهكوها، وسكت عن أشياء رحمةً لكم غير نسيان فلا تبحثوا عنها".**

(حديث حسن رواه الدارقطني وغيره)

# 31-nji hadys: “Ol amaly etsem meni hem Allah söýsün, hem adamlar söýsün”

Ebul-Abbas Sehl Bin Sad Es-Saa-ydy (Razyýallahu anhu) aýtdy:

“Biri Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelip: “**Eý, Allahyň Resuly! Maňa şeýle bir amal öwret, egerde ol amaly etsem meni hem Allah söýsün, hem adamlar söýsün**” diýdi.

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Terki dünýä bol, seni Allah söýer, adamlaryň elindäki zadyna göz gyzdyrma, seni adamlar söýer**”

(Ibn Mäje)

عن أبي العباس سهل بن سعد الساعدي رضي الله عنه قال:

**جاء رجل إلى النبي (صلى الله عليه وسلم) فقال: يا رسول الله دلّني على عمل إذا عملته أحبني الله وأحبني الناس، فقال: "ازهد في الدنيا يحبك الله، وازهد فيما عند الناس يحبك الناس".**

(حديث حسن، رواه ابن ماجه وغيره بأسانيد حسنة)

# 32-nji hadys: “Zyýan ýetirmegem we zyýan çekdirmegem bolmaz”

Ebu Sa-yd Bin Mälik El-Hudry (Razyýallahu anhu) Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem):

“**(Yslamda hiç bir halda) zyýan ýetirmegem we zyýan çekdirmegem bolmaz**” diýenini aýtdy.

(Ibn Mäje)

عن أبي سعيد سعد بن مالك بن سنان الخدري رضي الله عنه أن رسول الله (صلى الله عليه وسلم) قال:

**"لا ضرر ولا ضرار".**

(حديث حسن رواه ابن ماجه والدارقطني وغيرهما مسنداً، ورواه مالك في الموطأ مرسلاً عن عمرو بن يحيى عن أبيه عن النبي (صلى الله عليه وسلم) فأسقط أباسعيد، وله طرق يقوي بعضها بعضاً)

# 33-nji hadys: “Egerde adamlaryň eden şikaýatlary kabul edilse”

Ibn Abbas (Razyýallahu anhumä)  Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem):

“**Egerde adamlaryň eden şikaýatlary (arzalary subutnamasyz) kabul edilse, adamlar halkyň mal-mülklerini we ganlaryny talap ederdiler, ýöne welin aýyplaýanyň (şikaýatçynyň) boýnunda subutnama (getirmek) we inkär edýäniň boýnunda kasam içmek borjy bardyr**”

(El-Beýhaky)

عن ابن عباس رضي الله عنهما أن رسول الله (صلى الله عليه وسلم) قال:

**"لو يعطى الناس بدعواهم، لادعى رجال أموال قوم ودماءهم، لكن البينة على المدعي واليمين على من أنكر".**

**(حديث حسن رواه البيهقي وغيره هكذا، وبعضه في الصحيحين)**

# 34-nji hadys: “Sizden (kim) ýazgarylýan zady görse”

Ebu Said El-Hudri (Razyýallahu anhu): “Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem):

**“Sizden (kim) ýazgarylýan zady görse, eli bilen düzetsin, ony başarmasa dili bilen düzetsin, onam başarmasa kalby bilen, bu Imanyň iň ejizidir**” diýenini eşitdim” diýdi.

(Muslim)

عن أبي سعيد الخدري رضي الله عنه قال: سمعت رسول الله (صلى الله عليه وسلم) يقول:

**"من رأى منكم منكراً فليغيره بيده، فإن لم يستطع فبلسانه، فإن لم يستطع فبقلبه، وذلك أضعف الإيمان".**

(رواه مسلم)

# 35-nji hadys: “Hasadçylyk etmäň, aldaw bilen zatlaryň bahalarynam oýnamaň”

Ebu Huraýra (Razyýallahu anhu) aýtdy: **“Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “Görüpleşmäň, aldaw bilen zatlaryň bahalaryny oýnamaň, ýigrenişmäň, ýüz öwrüşmäň, bir-biriňiziň söwdasyna goşulmaň, eý Allahyň bendeleri! Dogan boluň, musulman musulmanyň doganydyr, oňa zulum etmez, kömeksiz goýmaz, ýalançy hasaplamaz, kemsitmez. Takwa şu ýerde” diýip üç gezek döşüne yşarat etdi. “Biriniň öz musulman doganyny pes görmegi (ýigrenmegi) oňa ýeterlik şerdir. Her musulman musulmana haramdyr, maly, jany we namysy.”**

(Muslim)

عن أبي هريرة رضي الله عنه قال: قال رسول الله (صلى الله عليه وسلم):

**"لا تحاسدوا، ولا تناجشوا، ولا تباغضوا، ولا تدابروا، ولا يبع بعضكم على بيع بعض، وكونوا عباد الله إخواناً، المسلم أخو المسلم لا يظلمه ولا يخذله، ولا يكذبه ولا يحقره، التقوى ههنا –ويشير إلى صدره ثلاث مرات– بحسب امرئ من الشر أن يحقر أخاه المسلم، كل المسلم على المسلم حرام؛ دمه وماله وعرضه".**

(رواه مسلم)

# 36-njy hadys: “Kim mömininň dünýä gaýgy-gamyny aýyrsa”

Ebu Hureýra Pygamberden (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

**“Kim mömininň dünýä gaýgy-gamyny aýyrsa, Allah onuň kyýamat gaýgy-gamyny aýrar, kim garyba ýeňillik etse, Allah oňa dünýäde we ahyretde ýeňillik eder, kim bir musulmanyň aýybyny örtse, Allah Tagala onuň dünýäde we ahyretde aýybyny örter, bende musulman doganyň kömeginde wagty Allah hem ol bendäň kömegindedir, kim din ylmyny gözläp ýola çyksa, Allah ol sebäpli Jennete eltýän ýoly ýeňilleder, haýsy bir kowum Allahyň öýlerinden bir öýde (metjitde) Allahyň Kitabyny (Kurany) okamak üçin jemlenişseler we bir-birlerine öwretseler olaryň üstlerine rahatlyk iner, rehmet olary örter, Perişdeler gurşap alar, Allah olary Öz ýanyndakylaryň ýanynda ýatlar (öwer), kimiň amaly ony haýallatsa, onuň arkasy (tire-taýpasy) ony çalasyn etmez**”

(Muslim)

عن أبي هريرة رضي الله عنه عن النبي (صلى الله عليه وسلم) قال:

**"من نفّس عن مؤمن كربةً من كرب الدنيا نفّس الله عنه كربةً من كرب يوم القيامة، ومن يسّر على معسر يسّر الله عليه في الدنيا والآخرة، ومن ستر مسلماً ستره الله في الدنيا والآخرة، والله في عون العبد ما كان العبد في عون أخيه، ومن سلك طريقاً يلتمس فيه علماً سهّل الله له به طريقاً إلى الجنة، وما اجتمع قوم في بيت من بيوت الله يتلون كتاب الله ويتدارسونه بينهم إلا نزلت عليهم السكينة، وغشيتهم الرحمة، وحفّتهم الملائكة، وذكرهم الله فيمن عنده، ومن بطّأ به عمله لم يسرع به نسبه".**

(رواه مسلم بهذا اللفظ)

# 37-nji hadys: “Allah Tagala sogaplary we günäleri ýazdy”

Ibn Abbas (Razyýallahu anhumä) Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) Robbunyň:

“**Elbetde, Allah Tagala sogaplary we günäleri ýazdy, soňra olary (bendelerine) beýan etdi, kim ýüregine bir sogap işi etmegi düwüp, edip bilmese, oňa Allah ol işiň doly sogabyny ýazar, eger-de ýüregine düwüp edäýse, Allah 10 sogapdan 700 sogaba deňeç artdyryp ýazar, kim ýüregine bir günä işi etmegi düwüp hem etmese, Allah oňa bir sogap ýazar, eger-de ol günäni edäýse oňa 1 günä ýazar**” diýenini habar berenini aýtdy.

(Muslim we Buhary)

عن ابن عباس رضي الله عنهما عن رسول الله (صلى الله عليه وسلم) فيما يرويه عن ربه تبارك وتعالى قال:

**"إن الله كتب الحسنات والسيئات، ثم بين ذلك، فمن همّ بحسنة فلم يعملها كتبها الله عنده حسنةً كاملةً، وإن همّ بها فعملها كتبها الله عنده عشر حسنات إلى سبعمائة ضعف، وإن همّ بسيئة فلم يعملها كتبها الله عنده حسنةً كاملةً، وإن هم بها فعملها كتبها الله سيئةً واحدةً".**

**(رواه البخاري ومسلم في صحيحيهما بهذه الحروف)**

## 38-nji hadys: “Kim Allahyň welisine (dostuna) azar berse”

Ebu Hureýra (Razyýallahu anhu) Allahyň Resulyň (Sallallahu aleýhi we sellem) Allah Tagalanyň şeýle diýenini aýtdy:

“**Kim Meniň welime (dostuma) duşmanlyk, oňa garşy söweş yglan ederin, Maňa bendäm parz eden zadymdan has gowy başga zat bilen golaýlaşyp bilmez, tä ony söýýänçäm bendäm nefiller bilen Maňa golaýlaşmagy dowam eder, egerde ony söýäýsem onuň eşidýän gulagy, görýän göreji, tutýan eli we ýöreýän aýagy bolaryn, eger-de Menden sorasa (soran zadyny) bererin, egerde Maňa sygynsa, ony goraryn**”

(Buhary)

**عن أبي هريرة رضي الله عنه قال: قال رسول الله (صلى الله عليه وسلم):**

**"إن الله تعالى قال: من عادى لي ولياً فقد آذنته في الحرب، وما تقرّب إليّ عبدي بشيء أحبّ إليّ مما افترضته عليه، ولايزال عبدي يتقرب إليّ بالنوافل حتى أحبه، فإذا أحببته كنت سمعه الذي يسمع به، وبصره الذي يبصر به، ويده التي يبطش بها، ورجله التي يمشي بها، ولئن سألني لأعطينّه، ولئن استعاذني لأعيذنّه".**

(رواه البخاري)

# 39-njy hadys: “Allah Ymmatymdan ýalňyşy... bagyşlandyr”

Ibn Abbasdan (Razyýallahu anhuma) Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem):

“**Elbetde, Allah meniň üçin Ymmatymdan ýalňyşy, ýatdan çykarmany we zorluk bilen etdirlen zady bagyşlandyr**” diýenini aýtdy.

(Ibn Mäje we Beýhaki)

عن ابن عباس رضي الله عنهما أن رسول الله (صلى الله عليه وسلم) قال:

**"إن الله تجاوز لي عن أمتي الخطأ والنسيان وما استكرهوا عليه".**

(حديث حسن رواه ابن ماجه والبيهقي وغيرهما)

# 40-njy hadys: “Bu dünýäde ýat kişi ýaly bol”

Ibn Omar (Razyýallahu anhumä) aýtdy: “Allahyn Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) egnimden tutup:

**“Bu dünýäde ýat kişi ýaly ýada ýoldan geçiji ýaly bol”** diýdi.

Ibn Omar (Razyýallahu anhumä): “**Egerde agşama çyksaň ertä garaşma, egerde ertä çyksaň agşama garaşma, syrkawlygyňdan ozal saglygyňdan (sogap-ybadatlar köp etmek bilen) peýdalan, ölümiňden ozal ýaşaýşyňdan (sogap-ybadatlar köp etmek bilen) peýdalan**”

(Buhary)

عن ابن عمر رضي الله عنهما قال: أخذ رسول الله (صلى الله عليه وسلم) بمنكبي فقال:

**"كن في الدنيا كأنك غريب أو عابر سبيل،**

وكان ابن عمر رضي الله عنهما يقول: **إذا أمسيت فلا تنتظر الصباح، وإذا أصبحت فلا تنتظر المساء، وخذ من صحتك لمرضك، ومن حياتك لموتك**".

(رواه البخاري)